# «Wagneriñ» adyny goýan Dmitriý Utkin hakda näme bilýäris?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Wagneriñ" adyny goýan Dmitriý Utkin hakda näme bilýäris?
«WAGNERIÑ» ADYNY GOÝAN DMITRIÝ UTKIN HAKDA NÄME BILÝÄRIS?




*Prigožiniñ sag goly hökmünde tanalan Utkin on ýyllap ors kontrrazwedkasynda işläpdi.*
*Utkiniñ «Wagneriñ» Siriýada geçiren operasiýalary ýöreden adamdygy çak edilýär* ***(AFP)***

Ysraýylyñ «Times of Israel» gazeti Russiýada heläkçilige uçran uçarda gurban bolan «Wagneriñ» başlygy Ýewgeniý Prigožiniñ sag goly Dmitriý Utkin hakynda giñişleýin durup geçdi.
Jemgyýetçilik tarapyndan 2015-2016-njy ýyllarda «Wagneriñ» serkerdesi hökmünde tanalyp başlan Utkin heläkçilige uçran uçarda Prigožin bilen bile barýan ýolagçylaryñ biridi.
Bir döwür rus harby kontrrazweda gullugy ГРУ-da gulluk eden Utkiniñ öñki aýaly Ýelena Şerbinina serkerdäniñ 1970-nji ýylda doglandygyny we rus goşuny bilen bile çeçen uruşlaryna

gatnaşandygyny aýtdy.




*Ýelena Şerbinina*

Gazeta.ru saýtyna interwýu beren Şerbinina öňki adamsynyň front meýdanyndan aýrylasy gelmändigini aýdyp, «Uýgunlaşmak oňa kyn düşýärdi. Söweşsiz gezmek ony ynjalykdan düşürýärdi. Penjek-jalbarly, boýny galstukly kabibetde oturandan, söweşjeň ofiser bolup gyzgyn frontda gulluk edenini gowy görýärdi» diýdi.

2012-nji ýylda goşunyň hataryndan çykyp, hususy howpsuzlyk kompaniýasyny guran Utkin 2016-njy ýylyň dekabrynda Kremlde «Siriýada söweşen rus gahrymanlary» ady bilen berlen

resepsiýasynda Putin bilen bile görlende, köpçüligiñ ünsüni çekdi.




**• Prigožin bilen nähili tanşandygy belli däl**

Dmitriý Utkiniñ Prigožin bilen nähili tanşandygy we 2014-nji ýylda «Wagneriñ» gurulyşynda nähili rol oýnandygy hakda anyk maglumat ýok. Emma «Wagner» adyny Utkiniñ dakandygy we bu ady Adolf Gitleriñ uly hormat goýan nemes kompozitory Rihard Wagnerden alandygy we boýnunyñ iki ýanynda-da nasistik tatiurowkalaryñ bardygy welin belli.

2014-nji ýylda Ukrainanyň Donbass oblastynda bölünişikçi gozgalaň turanda, Russiýa bu ýerde ynanyp bolaýjak we şol bir wagtda Kremle garaşlydygyny boýun almajak güýçlere mätäçlik duýupdy, munuň üçinem «Wagnere» ýüzlenipdi.
Donbasa sürlen «Wagneriň» harby operasiýalaryna jogapkär şahs Utkindi. Prigožin bolsa toparyň maliýe işlerine seredýärdi we rus döwleti bilen gatnaşyklary dolandyrýardy.




- **Prigožin tanymal boldy, Utkin göze ilmedi**

Aradan geçen ýyllaryň dowamynda «Wagner» Merkezi Afrikada, Liwiýada, Siriýada, Ukrainada iş geçirdi. Topar gizlinlik bilen ýöreden her bir urşunda adam hukuklaryny gödek bozmakda we wezipe ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmakda aýyplandy.
Ukrainanyň urşuň ilkinji aýlarynda-da ýagdaý şolar ýalydy.
Emma 2022-nji ýylyň güýzünde rus goşunlary gündogar-günorta frontlarda yza çekilmäge mejbur boldy welin, Prigožin jemgyýetçiligiň esasy figurasyna öwrüldi.
Birnäçe ýyllap bardygy boýun alynman gelen «Wagneriň» bardygyny we frontda hereket edýändigini boýun alyp, rus türmelerindäki tussaglary günäsini geçmek şerti bilen hatarlaryna goşup başlady.
«Wagneriň» Bahmutda birnäçe aýa çeken urşy toparyň Ukrainada iň täsirli rus harby güýji statusyny gazanmagyna sebäp boldy.




Bularyñ barsynda Utkin göze ilmän gezmegini dowam etdi. Hiç bir wideoda görünmedi, Prigožiniñ tersine ýeke wideo paýlaşmady. Emma onuñ iýun aýyndaky ýaragly gozgalaña gatnaşandygy we Moskwanyñ üstüne edilen ýörişe goldaw berendigi öñe sürülýär.
Şu günler «Wagner» bilen ilteşikli «Telegram» kanallarynda «gahryman» yglan edilen Utkiniñ ady Prigožin ýaly köp tutulýar.
Arasynda Prigožiniñ we Utkiniñem bolan uçary 23-nji awgustda Tweriñ golaýynda heläkçilige uçrapdy. Uçarda Prigožindir Utkin bilen bile Waleriý Çekalow, Ýewgeniý Markarýan, Sergeý

Propustin, Aleksandır Totmin, Nikolaý Matuseýew, pilotlar Alekseý Lewşin, Rüstem Karimow bilen kabina işgäri Kristina Raspopowa hem wepat bolupdy.

«Times of Israel» gazeti, 26.08.2023 ý.
Taýýarlan Baryş KAÝGUSUZ. Publisistika